# Algebra we poeziýa

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Algebra we poeziýa ALGEBRA WE POEZIÝA

Edebiýaty ýazyp dur, ynha, galamdyr syýa,
Kiçi karta sygyp dur uly geografiýa.
Bolup geçýän zatlar kän taryhynda fizikañ,
Garaz kitap dünýäsi ylymdan doly mekan.

Geometriýañ adaty, Pifagoryñ kateti,
Taryham öz ýerinde maña gyzykly gaty.
Isgenderiñ goşuny, Seljuklaryñ atlary,
Şahyrlaryñ şygyry – ýazýan söýgi hatlary.

Asla hiç bir ylma-da bakmaýaryn men gyýa,
Senem gözden salamok, eziz, biologiýa.
Ähli ylymlar bilen gelejege ynam kän,
Şolar bilen barýarys ýagty ertire bakan.

Ýöne bir zatda weli, çekilýärin men gyra,
Ahyry gezek ýetdi uç-gyraksyz algebra.
Iksi gözläp ýörmeklik maña juda kyn,
Bäş ýüz on ikinji mysaldan
añsat düşdi şu goşgym.

Seýran SEÝITMÄMMEDOW,
Balkan welaýatynyñ Serdar şäheri.

«Nesil» gazeti. 2012 ý. Goşgular